# Türkmen düýş ýorgutlary

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Türkmen düýş ýorgutlary TÜRKMEN DÜÝŞ ÝORGUTLARY



Aslynda düýş diýilýän zady nämä ýorsaň şol bolar diýipdir Pygamberimiz, şonuň üçin düýşleri diňe gowluga ýormalydyr. Göwnüňe ýaramaz düýş gören wagtyňyz derrew sadaka paýlaň çünki sadaka belalary söwýandyr. Aslynda gowy düýş görseň aýdyp bilersiň, ýöne erbet düýş görseň hiç kime aýtmak bolmaýar!
* * *

Düýşüňde öküz görmek – emgege çolaşmak.

* * *

Düýşüňde batga batmak – emgege duçar bolmak.

* * *

Suwa düşmek – bir gowy zada garaşmaly, aklyga çykjaksyň, aladadan dynarsyň.

* * *

Düýşüňde gatyk içmek, süýt içmek örän gowy, şahyr ýa-da dilewar boljaksyň.

* * *

Düýşüňde çörek görseň, myhmana garaşyber, adam ýüzüni görersiň.

* * *

Hiňňildik uçmak, at çapmak – döwletli bolmakdyr.

* * *

Eşek münmek – göni gelen rysgal.

* * *

Pul, şaý almak – döwletli, rysgally bolmakdyr.

* * *

Pul, şaý bermek – rysgalyňdan aýrylmak.

* * *

Düýşüňde mata almak – erbet, ýöne ak mata ýa-da pagta örän gowy.

* * *

Düýşüňde erik iýmek, başga zat iýmek – emgek, ýöne bişen zat iýmeklik ýagşyrakdyr. Bişmedik zatlary iýmeklik gury emgekdir.

* * *

Düýşüňde çaga dogurmak, ogul ýa gyz – döwletli bolmak, rysgala ynamly garaşmak.

* * *

Ýer sürmek, ýer depmek – gury emgege garaşmak.

* * *

Hasyl ýygnamak, hasyl toplamak – bu döwletli bolmagyň alamaty.

* * *

Ile, başga birine zat bermek – rysgalyňdan aýrylmak.

* * *

Ak eşek, ak at münmek, almak – gös-göni rysgal, bagtly boljagyň alamatlary.

* * *

Umuman, düýşde ak zatlary görmeklik ýagşylygyň alama-ty, gara zatlar ýaramazlyklara eltýärmiş.

* * *

Düýşüňde altyn, kümüş almak – rysgal-döwlet, bagt.

* * *

Ýarag götermek – döwletlilik.

* * *

Tüpeň sesi – bir habara garaşmak, habaryň alamaty.

* * *

Düýşüňde ölen-ýiten merhumlaryňy görmeklik bagtlylygyň alamaty. Ýöne ölä zat bermek gowy görülmeýär, ölüden zat almak – örän gowulyk hasaplanylýar. Eger hamyla gelniň bol-sa, ýa çagasy bolmaýan gelin bolsa, onda çaga garaşybermeli. "Öli gelse , diri geler" diýen nakyl hem bar.

* * *

Düýşüňde gan görmek, eliň gana boýalmagy – döwletlili-giň, rysgallylygyň alamaty, ýöne özüňden gan gitse, gowy görülmeýär. «Gan – gazanç» diýýändir, türkmen halky.

* * *

Düýşüňde hat ýazmak – döwletli habar.

* * *

Ot görmek – gowy zadyň nyşanasy, «ot-oraz», ýagşylyga garaş.

* * *

Odun – olja, odun alsaň, olja aljagyň alamaty.

* * *

Ary çaksa, ýa-da başga bir mör-möjek çaksa – awunmaly zada garaşmaly.

* * *

Ak süňk görmek – malyň köpeljegininiň alamaty. «Ak zat alnyňa ýagşy» diýlen nakyl bar.

* * *

Düýe münmek, almak – döwletliligiň alamaty.

* * *

Aw awlamak, eger aw öli bolsa – azap, emgek, eger aw diri bolsa – azap, emgek bolmajakdygy.

* * *

Ýük götermek – ýaramazlyk, gowulyk däl.

* * *

Ýuwunmak – dert-belalardan saplanmak.

* * *

Üstüňe ýagyş ýagsa – bu bir ýaramaz işiň başa düşjekligi-niň alamaty.

* * *

Gün görmek – seýrek görüşýän, gowy görýän dostuň, tanşyň, garyndaşyň bilen duşuşjagyň alamaty.

* * *

Kelle syrdyrmak, saçyň düşmegi – bir erbet işiň üstünden barjakdygyňy aňladýar.

* * *

Ýagtyda gezmek – gowulyk, aladasyz ýaşamagyň alamaty.

* * *

Garaňkyda gezmek – başyňa aladaly günleriň geljegi.

* * *

Adamlar bilen duşuşmak, görüşmek – gowulyk, ýagşy zat-lar.

* * *

Kitap okamak, kagyz almak – döwletli, sowatly bolmakly-gyň alamaty.

* * *

Hydyr görmek, aksakgal ýaşuly görmek – bular gowulygyň alamaty, diňe gowy zatlara garaş.

* * *

Suw tutmak – emgek.

* * *

Suwa düşmek, ýüzmek, ýuwunmak – gowulyklar.

* * *

Jansyz ulaglara münmek – adaty ýaşaýşyň alamatlary.

* * *

Düýşüňde ak sapak – ak ýol bolarmyş.

* * *

Düýşüňde aglasaň – begenersiň, gülseň – gynanarsyň.

* * *

Düýşüňde gyzyň bolsa – gynançly habar, ogluň bolsa – begençli habar geler.

* * *

Düýşüňde çyra ýansa – ýoluň ýagty bolar.

* * *

Düýşüňde gök önümler, miweler iýseň – howa sowuk bolar.

* * *

Düýşüňde jöwen görseň – aklyk bolar.

* * *

Düýşüňde geýim görülse – abraý.

* * *

Düýşüňde saçyň agarsa – biderek alada.

* * *

Düýşüňde biri darak berse – ýaramazlyga garaşybermeli.

* * *

Düýşüňde çörek görseň – adamynyň ýüzi, myhman geler, köne tanyşlaryňy görersiň.

* * *

Düýşüňde ýylan görseň – duşmanyň bardyr. Şol düýşüň ugruna bir sadaka ber.

* * *

At münseň – myradyňa ýetersiň, eşek münseň – döwlet-lilige ýorulýar.

* * *

Düýşüňde uçsaň – günäden saplanarsyň. Oýalykda-da hiň-ňildikde uçsaň, günäň dökülýär – diýilýär.

* * *

Düýşüňde gyzyl eşikler geýseň – dile düşersiň.

* * *

Ýalaňaç düýä münseň – kynçylyklaryň garaşýanlygydyr.

* * *

Ýykylsaň, çukur ýere gaçsaň – gowy görülmeýär. Hiç zat bolman çyksaň, hiç ýaramazlyk bolmaz.

* * *

Düýşüňde iti, ýylany, mör-möjegi öldürseň – duşmanyňdan dyndygyňdyr.

* * *

Düýşüňde ädigiň bir taýyny galdyryp gelseň – başyňa belany satyn aldygyň bolar.

* * *

Düýşüňde üstüňe jaý ýykylsa – başyňda azaply günleriň barlygydyr.

* * *

Düýşüňde çäýnek görseň – aýagy agyr zenan bar bolsa, og-ly bolar.

* * *

Eger düýşüňde ak don geýseň, ýaşyl don geýseň – gowu-lyga garaş, uzak ýaşarsyň, gyzyl don – geýseň, dile düşersiň.

* * *

Düýşüňde aýna görseň – gyz görersiň.

* * *

Igde – gyzyl dil bolar.

* * *

Düýşüňde towşan görseň, ogry gelermiş.

* * *

Düýşüňde ýylan görmek

Düýşüňde ýylan görmek hakynda dürli-dürli ýorgutlar bolup bilýär. Düýş ýorgutlarynda aslynda ýylan duşmançylygy yşarat eder. Biziň bilmeýän bir duşmanymyz bolup biler. Bu duşman köplenç sizden özüni gizlär.

Düýşüňde ýylan görmek bir tarapdan haýra ýorular. Maddy ýagdaýyňyzyň gowlanjagyny, maşgala durmuşyňyzda täzelikleriň boljagyny yşarat eder. Çagaňyz bolup biler ýa-da soňy toý bilen gutarjak bir gatnaşyga başlap bilersiňiz.

Düýşüňde zähersiz ýylan. Düýşüňizde gorkmadyk, zäheri bolmadyk, zyýansyz ýylan görmegiňiz; eliňize köpüräk altyn düşjeginiň alamatydyr.

Düýşüňde yzyňdan gelen ýylan. Düýşüňizde arkaňyzdan sizi yzarlap gelýän ýylan gören bolsaňyz, mekirlik etjek bir duşmanyňyz bar diýmekdir.

Düýşüňde suw ýylany görmek. Düýşde görlen suw ýylany, täze bir dostlugyň başlajagyny we bu kişiniň baý ýa-da wezipeli biri boljakdygyny aňladar.

Düýşüňde gara ýylan görmek. Düýşde görlen gara ýylan, uly ýa-da uzyn bir ýylandan beter howplydyr. Duşmanyňyz hakykatdanam soňky dereje güýçli we howply.

Düýşüňde ak ýylan görmek. Düýşüňizde ak ýylan gören bolsaňyz birahat bolmaň. Duşmanyňyz güýçsiz, ýagny size azar berip bilmez. Halk döredijiligi we rowaýatlar